TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

TÜRKMEN DÖWLET MALIÝE INSTITUTY

TASSYKLAÝARYN
Türkmen döwlet maliýe
institutynyň rektory
________ B.M.Taňryberdiýew
«10» aprel 2025ý.

# «TALYP STARTAPY – 2025»
# TASLAMALARYŇ BÄSLEŞIGINI GEÇIRMEGIŇ
# D Ü Z G Ü N N A M A S Y

AŞGABAT – 2025ý.

## I. UMUMY DÜZGÜNLER

1.1. «Talyp startapy – 2025» taslamalaryň bäsleşigini geçirmegiň Düzgünnamasy (mundan beýläk – Düzgünnama) türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň dürli ugurlarynda startaplary döretmek we goldamak boýunça durmuşa geçirilýän maksatnamalaýyn işlere goşant goşmak, ýaşlaryň arasynda zehinlilerini ýüze çykarmak hem-de olary startap taslamalaryna höweslendirmek maksady bilen, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly hem-de Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli Türkmen döwlet maliýe institutynyň Startap merkeziniň, Ýaş alymlar geňeşiniň we ilkinji Ýaşlar guramasynyň bilelikde guramagynda institutyň talyplarynyň arasynda geçiriljek «Talyp startapy – 2025» taslamalaryň bäsleşigini (mundan beýläk – bäsleşik) geçirmegiň tertibini we şertlerini kesgitleýär.

1.2. Bäsleşik startap taslamalaryny durmuşa geçirmek we täjirleşdirmek üçin mümkinçiligi bolan hem-de ylmy-tehniki we tehnologik gözlegleriň netijelerini ulanmak bilen, täze önümleri, tehnologiýalary ýa-da hyzmatlary döretmek boýunça ýaşlaryň ylmy-innowasion «startap» taslamalaryny durmuşa geçirmeklige höweslendirmek maksady bilen geçirilýär.

1.3. Bäsleşigiň wezipeleri:

– ýaşlaryň ykdysadyýet boýunça innowasion pikirlerini (taslamalary, işläp taýýarlamalary) ýüze çykarmak we goldamak;

– telekeçilik pikirlerini täjirleşdirmek, şeýle-de «startap» taslamalaryny döretmek we ösdürmek arkaly innowasion telekeçilik boýunça tejribe toplamaga mümkinçilik bermek;

– ýaşlaryň telekeçilik işjeňligini ýokarlandyrmak;

– ylym bilen meşgullanýan ýaşlary höweslendirmek, olaryň ylmy açyşlaryna, taslamalaryna mynasyp baha bermek.

1.4. Bäsleşigiň çäginde ýurdumyzda innowasion ykdysadyýeti ösdürmegiň ileri tutulýan ugurlaryna laýyk gelýän aşakdaky ugurlar boýunça taslamalar saýlanylýar:

– sanly ykdysadyýet we innowasion tehnologiýalar (FinTech; Big Data we analitika, emeli aň, blokçeýn, kiberhowpsuzlyk);

– täze işewürlik modelleri we bazarlar (işewürlik-meýilnamasy, frilanserler üçin platformalar, täze sarp edijilik bazarlary, «şering ykdysadyýeti»);

– täze enjamlar we intellektual önümçilik tehnologiýalary (suw ýa-da energiýa tygşytlaýjy we saklaýjy ulgamlar, oba hojalygy üçin akylly çözgütler);

– kreatiw industriýa (ekoulgamlar we platformalar, mahabat, marketing, dizaýn);

– dersara ugurlar, şol sanda durmuş innowasiýalary we durnukly ösüş (hususy telekeçilik, sanly saglygy goraýyş, sanly bilim tehnologiýalary.

## II. BÄSLEŞIGI GEÇIRMEGIŇ TERTIBI WE ŞERTLERI

2.1. Bäsleşigi guramak we geçirmek boýunça institutyň rektory tarapyndan tassyklanan Eminler topary döredilýär. Eminler topary «Startap» taslamalaryny

öwrenýär, seljerýär we baha berýär. Guramaçylyk topary bäsleşigi geçirmegiň guramaçylyk işlerini alyp barýar.

2.2. Düzümine Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyplary girýän toparlar (1-3 sany talyp) öz «Startap» taslamalary bilen bäsleşige gatnaşyp bilerler. Bir topar diňe bir «Startap» taslamasyny hödürläp biler. Bir talyp diňe bir topara gatnaşyp biler. Bäsleşik türkmen dilinde geçirilýär.

2.3. Bäsleşige gatnaşmak üçin her bir topar 2025-nji ýylyň maý aýynyň 15-ine çenli institutyň tdmaistartap@gmail.com elektron poçtasyna şu aşakdaky maglumatlary ugratmaly:

– Elektron görnüşinde doldurylan arza (1-nji goşundy);

– «Startap» taslamasy barada gysgaça maglumat (2-nji goşundy);

– «Startap» taslamasynyň esasy mazmunyny beýan edýän taslamanyň MS Power Pointda gysga tanyşdyrmasy (prezentasiýasy, 10 slaýddan köp bolmadyk).

2.4. Bäsleşik iki tapgyrda geçirilýär:

**Birinji tapgyr:** *saýlama tapgyry.* Bu tapgyrda Eminler topary bäsleşigiň 2-nji jemleýji tapgyryna geçiriljek «Startap» taslamalary saýlap alýar. Eminler topary tarapyndan saýlanyp alnan «Startap» taslamalary netijeleri boýunça maglumat degişli toparlara ýetiriler. Bäsleşige gatnaşýan topara ýolbaşçylyk edýän mugallym bäsleşik babatynda zerurlyk ýüze çykan ýagdaýynda Guramaçylyk toparyna ýüz tutup biler.

**Ikinji tapgyr:** *tanyşdyryş, beýan etmek we jemlemek.* Bäsleşigiň jemleýji 2-nji tapgyryna bäsleşigiň 1-nji tapgyryndan geçen toparyň gatnaşmagyna rugsat berilýär. Bäsleşigiň ikinji tapgyry 2025-nji ýylyň maý aýynyň 20-sine sagat 15:00-da başlanýar.

Ikinji tapgyrda her bir topar «Startap» taslamasynyň tanyşdyryşy (prezentasiýasy) bilen çykyş etmelidir. «Startap» taslamasynyň tanyşdyryşy (prezentasiýasy) üçin her topara 5-7 minut wagt berilýär.

2.5. Eminler topary «Startap» taslamasyna olaryň innowasion derejesi, ylmylygy, durmuşa ornaşdyrylyşy, täzeligi, dizaýny we talybyň ony beýan etmek başarnygy ýaly ölçegler boýunça baha bererler. Toplanan ballaryň jeminiň netijesinde toparlaryň eyelän orunlary kesgitlener. Bäsleşikde 1-nji, 2-nji we 3-nji orun alan toparlar, degişlilikde I, II, III derejeli Diplomlar bilen sylaglanar. Toparyň eýelän orny bäsleşige gatnaşýan ähli toparlaryň ballarynyň jemi arkaly kesgitlener. Bäsleşigiň netijeleri Türkmen döwlet maliýe institutynyň internet saýtynda yglan ediler.

***Habarlaşmak üçin:*** Tel: +99364020251, mugallym Gurbanmyradow G.

*1-nji goşundy*

**Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly hem-de Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli Türkmen döwlet maliýe institutynyň Startap merkeziniň, Ýaş alymlar geňeşiniň we ilkinji Ýaşlar guramasynyň bilelikde guramagynda institutyň talyplarynyň arasynda geçirilýän «Talyp startapy – 2025» taslamalaryň bäsleşigine gatnaşmak üçin**

ARZA

| Talybyň F.A.A. | Hünäri (ugry), ýyly | Taslamanyň ady | e-mail | Ykjam telefony | Ýolbaşçy mugallym |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | |

*2-nji goşundy*

**«Startap» taslamasy barada gysgaça maglumat**
**(5-6 sözlem)**

| | |
|---|---|
| Taslama barada gysgaça tanyşdyryş | |
| Degişli önüm ýa-da hyzmat barada maglumat | |
| Degişli önüm ýa-da hyzmat barada bazardaky islege we teklibe baha bermek | |
| Taslamany maliýeleşdirmek | |
| Ýüze çykyp biljek kynçylyklar, töwekgelçilikler | |
| Garaşylýan netijeler | |